Onda barabanyň her tarapyndan tanap berkidýäris.
S – aralykdan, uzynlygy 4 – ädimden.
Onda sag we çep kesiginiň aralygynyň ölçegi $\ell_1$
Onda $\ell_1$ – tanapyň doly ýöremegini barabanda, iň ýokary ýagdaýda üpjün edilýär.

Barabanyň umumy uzynlygy:

$$L_b = 2\ell + 2S + \ell_1$$

Barabanyň diwarynyň galyňlygy çoýun C4-15-32 ýasalýar, onuň gysylan ýagdaýyny hasaplaýarys:

$$\delta = \frac{S_{\max}}{t_b[\sigma]_{gys}}$$

bu ýerde $[\sigma]_{gys}$ – goýberlen gysylma naprazeniýasy. Ol hasaplanýar, baglanşyk

$$[\sigma]_{gys} = \frac{\sigma^o}{K}$$

bu ýerde $\sigma^o$ - materialyň predel naprazeniýasy, onda çoýun C4 15-32 $\sigma^o = \sigma_b = 65 kg/mm^2$.

K- ätiýaçlyk koefisienti.

Onda baraban guýulanda onuň diwarlary kiçi bolmaly. Ol ýörite empiriçeski baglanşyk

$\delta = 0.02Db + (0.6 - 1.0)$

Mundan başgada baraban synagdan geçýär:

maýyşgak we towlanma naprazeniýä. Maýyşgaklyk naprazeniýäni barabanyň ortasynda goýulan tanapyň üsti bilen hasaplamaly. Şekilde maýyşgaklyk we towlanma momentiň epýury görkezilen

$$M_{ma\acute{y}} = S_{max} \cdot 62.5$$

$$M_{tow} = 2S_{max} \frac{D_b}{2}$$

Çylşyrymly naprаženiýä maýyşgaklyk we towlanma:

$$\delta = \frac{\sqrt{M^2 may + (\alpha \cdot Mtow)}^2}{W}$$

bu ýerde α – getirlen koefisient.

W – barabanyň keseligine kesilen ekwatorial moment garşylygy.

$$W = 0.1\frac{D_1^4 - D_2^4}{D_1}$$

Bu ýerde $D_1$- barabanda kesilen oý ýere çenli diametr.
$D_2$- barabanyň içki diwarlarnyň diametri
Barabanyň oý ýerinde tanapyň tizligi, susagy galdyrandaky tizlikden:

$$\upsilon_o = 3\upsilon_ý$$

bu ýerde $\upsilon_ý$ – oky galdyrýan tizlik.

Barabanyň aýlaw sany minutda $n_b = \frac{1000 \cdot v_0}{\pi \cdot D_b}$

Barabany aýlamak üçin hereketlendirijiniň kuwwaty:

$$N_b = \frac{S_{ok} \cdot v_{ok}}{102 \cdot 60 \cdot \eta}$$

bu ýerde $S_{ok}$ - oky galdyrýan güýç.
$\upsilon_{ok}$ – oky galdyrmak üçin gerek bolan tizlik.
$\eta$ – reduktoryň PTK-sy. $\eta = 0.9$

*Ekskawatory ýöredýän mehanizmlerine täsir edýän garşylyk güýjiň hasaplanyşy*

Zynjyrly ekskawator hereket edende onuň deňlemesi umumy ýagdaý üçin şu formula bilen hasaplanýar:

$$\Sigma W = W_1+W_2+W_3+W_4$$

bu ýerde $W_1$ – ekskawator hereket edende döreýän garşylyk güýji. (H)
$W_2$ – ekskawator ýokaryk galanda döreýän garşylyk güýji,
$W_3$ – ekskawator ýerinden gozgananda döreýän garşylyk güýji
$W_4$ – ekskawatora täsir edýän ýeliň güýji
Onda: 1) ekskawator hereket edende döreýän garşylyk güýji şu formula bilen hasaplanýar:

$$W_1 = G_1\text{-}f \quad H$$

$G_1$ – taslaýan ekskawatoryň agramy (kg)
f- zynjyrly tigir hereket edende döreýän garşylyk koefisienti.

$$f = \frac{9810G_1(1+Ge)}{4B_{ZH} \cdot Lz^2 \cdot 0}$$

bu ýerde $G_1$ – taslaýan ekskawatoryň agramy.
$B_{ZH}$ – zynjyryň halkasynyň ini.
Lz – zynjyryň uzynlygy (m)
e – ekskowatoryň iş agramynyň eksentrik aýlanýan platformanyň, aýlanýan osa baglylykda *e=1.2m*
o – topragyň udel garşylygy deň maýyşgaklykda topragyň kategoriýasyna bagly.
2. Ekskowator ýokaryk galanda döreýän garşylyk güýji

$$W_2=G_1 \cdot tg\alpha$$

bu ýerde α – ekskowator gorizontal hereket edende beýikligi α = 15°.
3. Ekskowator ýerinden gozgananda döreýän garşylyk güýji:

$$W_3=\frac{G \cdot v}{Tp}$$

bu ýerde υ – ekskowatoryň hakyky hereket edýän tizligi.

$$\upsilon = 0.08\frac{n \cdot Hz}{i}1-\frac{\delta}{100}$$

bu ýerde Hz – zynjyrly tigriň beýikligi.
σ –baş aýlanma koefisienti %, zynjyrly hereket edijiler üçin σ = 12%.
$T_p$ – ýerinden gozganan wagty $T_p$=2sek
*i* – transmissiýanyň geçirijilerniň sany.

$$i=\frac{Z_2}{Z_1}\cdot\frac{Z_{12}}{Z_{11}}=\frac{Z_{20}}{Z_{14}}\cdot\frac{Z_{22}}{Z_{21}}\cdot\frac{Z_{24}}{Z_{23}}=\frac{96}{23}\cdot\frac{27}{18}\cdot\frac{40}{17}\cdot\frac{11}{17}\cdot\frac{19}{10}=18$$

Onda hereketlendirijisiniň kuwwaty ekskawator hereket edende şu formula bilen hasaplanýar:

$$N_g = \frac{\sum W \cdot v}{102 \cdot \eta_n}$$

bu ýerde $\eta_n$ – transmissianyň PTK-sy.

$$\eta_n \cdot \eta^2_z \cdot \eta^5_a = 0.95^2 \cdot 0.96^5=0.74$$

Ekskowatoryň hereketlendirijisini saýlaýarys:
Hereketlendirijiniň kuwwaty saýlananda bir wagtda ol aşakdaky operasiýalary ýerine ýetirmeli, galdyrmaly we dartmaly, aýlanmaly,susagyny galdyrmaly, aýlanýan platformany aýlamaly, ekskowator hem hereket etmeli.

1. $N_{dw} = N_{ok}+N_d$
2. $N_{dw} = N_{ok}+N_{aý}$
3. $N_{dw} = N_g$

Bu saýlanan kuwwatyň haýsy uly bolsa şony saýlap alyp, kitapdan şoňa deň hereketlendirijini saýlap alýarys.

## 7. Gidrawliki ekskowatoryň esasy ölçegleriniň hasaplanylyşy

Onda meňzeşlik kanunyndan :

$$\frac{A_1^3}{A_2^3} \approx \frac{G_1}{G_2} \approx \frac{q_1}{q_2} \approx \frac{N_1}{N_2} \approx \frac{t_1^3}{t_2^3} \approx \frac{\sqrt[3]{S_1}}{\sqrt[3]{S_1}}$$

Bu ýerde $A_1$ - taslaýan ekskowatoryň liniýa ölçegi
G1 – taslaýan ekskowatoryň agramy
G2 – Baza ekskowatoryň agramy
q1 – taslaýan ekskowatoryň susagynyň göwrümi
q2 – baza ekskowatoryň susagynyň göwrümi
N1 – taslaýan ekskowatoryň hereketlendirijisiniň kuwwaty
N2 – baza ekskawatoryň hereketlendirijisiniň kuwwaty
t1 – taslaýan ekskowatoryň iş sikliniň dowamlylygy
t2 – baza ekskowatoryň iş sikliniň dowamlylygy
S1 – taslaýan ekskowatoryň täsur edýän güýji
S2 – baza ekskowatoryň täsir edýän güýji.
*Ekskowatoryň esasy ölçeglerni hasaplaýarys:*
1) Aýlanýan platformanyň uzynlygy $B_p = K\sqrt[3]{G_1}$
2) Zynjyrly tigiriň beýikligi $H_z = K\sqrt[3]{G_1}$
3) Zynjyry hereketlendirýän baza $A_z = K\sqrt[3]{G_1}$

4) Zynjyryň uzynlygy $L_z = K\sqrt[3]{G_1}$

5) Zynjyrly halkanyň ini $B_{z.h} = K\sqrt[3]{G_1}$

6) Aýlanýan okundan okuň aýlanýan aralygy $B_{ok} = K\sqrt[3]{G_1}$

7) Kuzowyň beýikligi $H_k = K\sqrt[3]{G_1}$

8) Okuň beýikligi $H_0 = K\sqrt[3]{G_1}$

9) Kuzowyň yzky diwarynyň radiusy $R_k = K\sqrt[3]{G_1}$

10) Platformanyň aşaky enjamyna çenli aralyk $H_k = K\sqrt[3]{G_1}$

11) Ekskowatoryň ýokarsynda duran iki aýak $H_i = K\sqrt[3]{G_1}$

12) Okuň uzynlygy $L_{ok} = K\sqrt[3]{G_1}$

13) Sapyň uzynlygy $L_{sap} = K\sqrt[3]{G_1}$

14) Düşürýän beýikligi $H_b = K\sqrt[3]{G_1}$

15) Gazýan beýikligi $H_g = K\sqrt[3]{G_1}$

16) Topragy dökýän radiusy $R_t = K\sqrt[3]{G_1}$

17) Gazýan radiusy $R_g = K\sqrt[3]{G_1}$

Susagyň esasy ölçegleri.

1. Susagyň beýikligi $H = K\sqrt[3]{G_1}$
2. Susagyň ini $B = K\sqrt[3]{G_1}$
3. Susagyň uzynlygy $L = K\sqrt[3]{G_1}$

Ekskawatoryň enjamlarnyň agramy.

1) Ekskowatoryň iş enjamlarnyň agramy, ekskawatoryň umumy agramynyň 20% deň
2) Ekskowatory aýlaýan platformanyň agramy akskowatoryň umumy agramynyň 50% deň
3) Ekskowatory herekete getirýän ýöredýän mehanizmiň agramy, ekskowatoryň umumy agramynyň 30% deň

Ekskowatoryň iş enjamlarynyň agramy

1) Ekskowatoryň susagynyň agramy onuň iş enjamynyň agramynyň 20% çenli.
2) Ekskowatoryň okunyň agramy onuň enjamlarynyň agramynyň 50% e çenli
3) Ekskowatoryň susagynyň agramy onuň enjamlarnyň agramynyň 30% e çenli.

Ekskowatoryň esasy iş mehanizmlerini hasaplaýarys.
a). ekskowatoryň susagy topragy gazanda oňa täsir edýän güýçleri hasaplaýarys.

$$\Sigma M_0=0$$



Surat 17. Ekskowatoryň susagy işlände täsir edýän güýçleriň hasaplanyş şekili

$$P_{01}\cdot r_4+P_{02}\cdot r_3+G_{s+t}\cdot r_2-S_g\cdot r_1=0$$

Onda

$$Sg = \frac{P_{01}\cdot r_4+P_{02}\cdot r_3+G_{s+t}\cdot r_2}{r_1}$$

bu ýerde $P_{01}=K_1 \cdot B \cdot C$
$P_{01}$ – galtaşýan garşylyk düzüji güýç
$K_1$ – gazanda udel garşylyk koefisienti, topragyň kategoriýasyna bagly.
B – susagyň ini.
C – kesýän galyňlygy

$$C=\frac{q \cdot K_H}{B \cdot H_H \cdot Kp}$$

bu ýerde q- susagyň göwrümi.
$K_H$- susagy dolduryjylyk koefisienti, topragyň kategoriýasyna bagly.
B – susagyň ini.
$H_H$ – urýan mehanizme çenli beýiklik.
$K_p$ – ýumşaklyk koefisienti, topragyň kategoriýasyna baglylykda.
$r_4$ – galtaşýan garşylyk güýjiň egni,m
$P_{02}$ – normal garşylyk güýji.

$$P_{02}=\varphi \cdot P_{01}$$

φ – normal garşylyk güýjiň koefisienti.
$r_3$ - normal garşylyk güýjiň egni.
$G_{s+t}$ – susagyň we onuň içindäki topragyň agramy.
$G_s$ – susagyň agramy.
$G_t$ – topragyň agramy.

$$Gt=\frac{q \cdot K_H \cdot \gamma}{Kp}$$

bu ýerde γ – topragyň göwrüm agramy.
$r_2$ – susagy we onuň içindäki topragyň agramynyň egni

Susagy galdyrmak üçin gerek kuwwaty hasaplaýarys.

$$N_s = \frac{S\max \cdot v}{102 \cdot \eta}$$

bu ýerde Smax = 1.5·Sg – maksimal galdyrmak üçi gerek bolan güýç.
υ – galdyrýan tizligi

η – mehanizmiň PTK-sy.

*Susagy galdyrmak üçin oňa gerek gidrosilinderi hasaplaýarys*:

$$Ds = \sqrt{\frac{\varphi \cdot S\max}{\pi \cdot \rho}}$$

bu ýerde ρ – gidrosilindere berilýän basyş.
Gidrosilinderiň ştogynyň diametri : $d_ş = 0.7Ds$



Surat 18. Ekskowator sapyny galdyrandaky hasaplanyş şekili

*II) Ekskowatoryň susagyny galdyranda oňa täsir edýän güýçleri hasaplaýarys*

$$\Sigma M_0 = 0$$

$$S_g' = \frac{P_{01} + r_2 + P_{02} \cdot r_3 + G_{s+t} \cdot r_4 + Gs \cdot r_5}{r_1}$$

bu ýerde $G_s$ –sapyň agramy.
$r_5$ – sapyň agramynyň egni.

$$S'_{max} = 1.5 \cdot S_g'$$

*Ekskowatoryň sapyny galdyrmak üçin gerek bolan kuwwaty hasaplaýarys.*

$$Nsap = \frac{S'\max \cdot v}{102 \cdot \eta}$$

bu ýerde S'max- sapy galdyrmak üçin maksimal güýç. υ – sapy galdyrmak üçin tizlik.
η – mehanizmiň PTK-sy.
Sapy galdyrmak üçin gidrosilindrik diametrni hasaplaýarys:

$$Ds=\sqrt{\frac{\varphi \cdot S'\max}{\Lambda \cdot \rho}}$$

bu ýerde S'max – susagy galdyrmak üçin maksimal güýç
ρ – gidrosilindere berilýän basyş.
Gidrosilinderiň ştogynyň diametri $d_ş = 0.7D_s$

III) Ekskowator okyny galdyranda oňa täsir edýän güýçleriň hasaplanyşy:

$$\Sigma M_0=0$$

$$S_0 \cdot r_4 - G_{sap} \cdot r_2 - G_{ok} \cdot r_1 - G_{s+t} \cdot r_3 = 0$$

onda:

$$S_0 = \frac{Gsap \cdot r_2 + Gok \cdot r_1 + Gs + t \cdot r_3}{r_4}$$

bu ýerde Gsap – ekskowatoryň susagynyň agramy.
$r_2$ – ekskowatoryň susagynyň agramynyň egni
$G_{ok}$ – ekskowatoryň okunyň agramy
$r_1$ – ekskowatoryň okunyň agramynyň egni.
$G_{s+t}$ – ekskowatoryň susagynyň we onuň içindäki topragyň agramy
$r_3$ – ekskowatoryň susagynyň we onuň içindäki topragyň egni.
$r_4$ – oky galdyrýan $S_0$ güýjiň egni
$S^o_{max} = 1.5S_0$ – maksimal oky galdyrýan güýç.



Surat 19. Ekskowator okuny galdyrandaky hasaplanyş şekili
Ekskawatoryň okuny galdyrmak üçin gerek bolan kuwwaty hasaplaýarys:

$$N = \frac{S\max \cdot V}{102 \cdot \eta}$$

bu ýerde V – oky galdyrmak üçin berlen tizlik.
η – mehanizmiň PTK-y.
Oky galdyrmak üçin gidrosilinderiň diametrini hasaplaýarys:

$$Ds = \sqrt{\frac{\varphi \cdot S^0 \max}{\Pi \cdot \rho}}$$

bu ýerde $S^0_{max}$ –oky galdyrmak üçin maksimal güýç.
ρ – gidrosilindere berilýän basyş.
Gidrosilinderiň ştogynyň diametrini hasaplaýarys:

$$d_ş = 0.7D_s$$

bu ýerde Ds – gidrosilinderiň diametri.

## 7.1. Ekskowatory ýöredýän mehanizmlerine täsir edýän garşylyk güýjiň hasaplanylyşy

Zynjyrly ekskowator hereket edende onuň deňlemesi umumy ýagdaý üçin şu formula bilen hasaplanýar:

$$\Sigma W = W_1 + W_2 + W_3 + W_4$$

bu ýerde $W_1$ – ekskawator hereket edende döreýän garşylyk güýji. (H)

$W_2$ – ekskowator ýokaryk galanda döreýän garşylyk güýji,
$W_3$ – ekskowator ýerinden gozgananda döreýän garşylyk güýji
$W_4$ – ekskowatora täsir edýän ýeliň güýji
Onda: 1) ekskowator hereket edende döreýän garşylyk güýji şu formula bilen hasaplanýar:

$$W_1 = G_1 \text{-} f \quad H$$

$G_1$ – taslaýan ekskowatoryň agramy (kg)
f- zynjyrly tigir hereket edende döreýän garşylyk koefisienti.

$$f = \frac{9810 G_1 (1 + Ge)}{4 B_{ZH} \cdot Lz^2 \cdot 0}$$

bu ýerde $G_1$ – taslaýan ekskawatoryň agramy.
$B_{ZH}$ – zynjyryň halkasynyň ini.
Lz – zynjyryň uzynlygy (m)
e – ekskawatoryň iş agramynyň eksentrik aýlanýan platformanyň, aýlanýan osa baglylykda e=1.2m
o – topragyň udel garşylygy deň maýyşgaklykda topragyň kategoriýasyna bagly.
2. Ekskawator ýokaryk galanda döreýän garşylyk güýji

$$W_2 = G_1 \cdot tg\alpha$$

bu ýerde α – ekskawator gorizontal hereket edende beýikligi α = 15°.
3. Ekskawator ýerinden gozgananda döreýän garşylyk güýji:

$$W_3 = \frac{G \cdot v}{Tp}$$

bu ýerde υ – ekskawatoryň hakyky hereket edýän tizligi.

$$\upsilon = 0.08 \frac{n \cdot Hz}{i} 1 - \frac{\delta}{100}$$

bu ýerde Hz – zynjyrly tigriň beýikligi.
σ –baş aýlanma koefisienti %, zynjyrly hereket edijiler üçin σ = 12%.
$T_p$ – ýerinden gozganan wagty $T_p$=2sek
*i* – transmissiýanyň geçirijilerniň sany.

$$i = \frac{Z_2}{Z_1} \cdot \frac{Z_{12}}{Z_{11}} = \frac{Z_{20}}{Z_{14}} \cdot \frac{Z_{22}}{Z_{21}} \cdot \frac{Z_{24}}{Z_{23}} = \frac{96}{23} \cdot \frac{27}{18} \cdot \frac{40}{17} \cdot \frac{11}{17} \cdot \frac{19}{10} = 18$$

Onda hereketlendirijisiniň kuwwaty ekskawator hereket edende şu formula bilen hasaplanýar:

$$N_g = \frac{\sum W \cdot v}{102 \cdot \eta_n}$$

bu ýerde $\eta_n$ – transmissianyň PTK-sy.

$$\eta_n \cdot \eta^2_z \cdot \eta^5_a = 0.95^2 \cdot 0.96^5 = 0.74$$

*Ekskowatoryň hereketlendirijisini saýlaýarys:*

Hereketlendirijiniň kuwwaty saýlananda bir wagtda ol aşakdaky operasiýalary ýerine ýetirmeli, galdyrmaly we dartmaly, aýlanmaly,susagyny galdyrmaly, aýlanýan platformany aýlamaly, ekskawator hem hereket etmeli.

1. $N_{dw} = N_{ok} + N_d$
2. $N_{dw} = N_{ok} + N_{aý}$ 3.
3. $N_{dw} = N_g$

Bu saýlanan kuwwatyň haýsy uly bolsa şony saýlap alyp, kitapdan şoňa deň hereketlendirijini saýlap alýarys.

*Ekskowatoryň dartyş güýjini hasaplaýarys:*

Ekskowatoryň dartyş güýji iki usulda barlanýar.
Saýlanyp alnan hereketlendirijiniň kuwwaty we zynjyrly maşyn toprakdan ýöränden onuň ilişmegi

1) $P_0 \geq W$

*2)* $T = G_1 \cdot \varphi \geq W$

bu ýerde $P_0$ – herekete getiriji ýyldyzyň aýlanma güýji,H.
T- topraga iýlende nominal dartyş güýji, H
φ – topragyň iýilme koefisienti, zynjyrly enjamlar üçin dartyş $\varphi=0.7$

$$Po = \frac{Ndw \cdot 102 \cdot 9.81 \cdot \eta h}{V}$$

bu ýerde V – herekete getiriji ýyldyzyň tizligi . m/sek

$$V = 0.008\frac{Ndw \cdot Hz}{i}$$

Ekskawatoryň öndürijiligini hasaplaýarys.

1)Teoretiki öndürijiligi

$$\Pi o = q \cdot n \quad m^3/sag$$

bu ýerde q – susagyň göwrümi.

n – maşyn bir sagat işlände sikliň dowamlylygy.

$$n = \frac{3600}{Ts}$$

$$T_s = t_1 + t_2 + t_3 + t_4$$

$T_s$ – sikliň dowamlylygy.

bu ýerde $t_1$- ekskawator susagyny doldurmaga goýandaky wagt

$t_2$- ekskawator susagyny doldurandaky sarp edilýän wagt, sek

$t_3$- ekskawator doly susagy dökmek üçin sarp edilýän wagt, sek

$t_4$ – ekskawator susagy döküp yzyna gaýdan wagty, sek

Onda teoretiki öndürijiligi

$$\Pi_o = \frac{3600 \cdot q}{Ts} \quad m^3/sag$$

2) Tehniki öndürijiligi:

$$\Pi_т = \Pi_o \cdot K \quad m^3/sag$$

bu ýerde K – belli bir iş şertde ulanýan koefisient.

3) Ekspluatasion öndürijiligi

$$\Pi_e = \Pi_т \cdot K_w$$

Bu ýerde K– maşynyň ulanylandaky koefisienti.

*Ekskawatoryň dartyş güýjini hasaplaýarys:*

Ekskawatoryň dartyş güýji iki usulda barlanýar.

Saýlanyp alnan hereketlendirijiniň kuwwaty we zynjyrly maşyn toprakdan ýörände onuň ilişmegi

1) $P_0 \geq W$

2) $T = G_1 \cdot \varphi \geq W$

bu ýerde $P_0$ – herekete getiriji ýyldyzyň aýlanma güýji,H.

T- topraga iýlende nominal dartyş güýji, H

φ – topragyň iýilme koefisienti, zynjyrly enjamlar üçin dartyş φ=0.7

$$Po = \frac{Ndw \cdot 102 \cdot 9.81 \cdot \eta h}{V}$$

bu ýerde V – herekete getiriji ýyldyzyň tizligi . m/sek

$$V = 0.008 \frac{Ndw \cdot Hz}{i}$$

*Ekskawator kranyň öndürijiligini hasaplaýarys.*

1)Teoretiki öndürijiligi

$$По = Q \cdot n \quad \text{tonna/sag.}$$

bu ýerde Q – galdyrylýan ýüküň agramy

n – maşyn bir sagat işlände sikliň dowamlylygy.

$$n = \frac{3600}{Ts}$$

$T_s$ – sikliň dowamlylygy.

2) Tehniki öndürijiligi:

$$П_T = П_o \cdot K \quad \text{tonna/sag}$$

bu ýerde K – belli bir iş şertde ulanýan koefisient.

3) Ekspluatasion öndürijiligi

$$П_e = П_T \cdot K_w$$

Bu ýerde $K_w$– maşynyň ulanylandaky koefisienti.

## 8. Köp susakly ekskowatorlar

Köp susakly ekskowatorlar özüniň iş enjamlary bilen iş gurallarynyň ugry we susagynyň göwrümi tapawutlanýarlar. Bu ekskowatorlar iş gurallary öz arasynda bölünýärler zynjyrly, rotorly görnüşli ekskowator ýörite iş enjamly (meselem frezerny)

Iş organlarynyň ugry boýunça ekskowatorlar 2 topara bölünýärler:

1) Dikligine gazýan ekskowatorlar
2) Keseligine gazýan ekskowatorlar

1. Dikligine gazýan ekskowatorlar diýlip gazýan enjamlarynyň ugryna ekskowatoryň hereketi gabat gelmegine aýdylýar.

2. Keseligine gazýan ekskowatoryň gazýan enjamlary ekskowatoryň hereketine perpendikulýar ýa-da keseligine gabat gelýär. Bu ekskowatorlar aýlanýan akskowatorlardyr ýagny ekskowatoryň enjamy aýlanyp bilýär.

Dikligine gazýan ekskowatorlar (tranşeýny) garym ýa-da çukur gazýan
ekskowatorlara diýilýär. Olar zynjyrly ýa-da tigirli bolup bilýärler. Bu ekskowatorlar gazýan çukurynyň ini 0,15÷2,0m bolup çuňlugy 1,2÷8,0 m. Zynjyr bilen gazýan ekskowatoryň zynjyry aýlaw birleşdirilen we oňa belli bir aralykda susak goýulan ýa-da ýörite süpüriji enjam ekskowatorda asylan ýa-da ýörite tirkewler arkaly birikdirilen. Zynjyrly ekskowator keseligine gazýan olar ýörite demirýolyň üstünde gurnalan ýa-da zynjyrly bolýarlar. Bu ekskowatorlary ýörite dag magdanlaryny we kanallary arassalamak üçin ulanylýar. Seredilen ekskowatorlar ýeri işlände öz duran ýerinden ýokaryk we aşak işläp bilýärler.

Keseligine gazýan ekskowatorlar aýlanyp we aýlanman bilýärler. Rotar görnüşli ekskowator diňe tranşeýn ýa-da çukur gazmany bilýärler. Rotor görnüşli çukur gazýan ekskowatoryň esasy enjamy, rotor bolup rotoryň dişine ýörite dişli susak oturdylan bu ekskowatoryň tapawudy zynjyrla seredeniňde P.T.K. ýokar we ýokary öndürijilikli bolup çukurlary gazmak üçin ulanylýar. Bu ekskowatoryň enjamlary özünde asylgy bolup ýa-da ýörite tirkewli bolýar. Rotor görnüşli karýerde işleýän ekskowatora karýerde işlemek bilen esasy işleýän enjamy rotordyr. Rotoryň diametri 1,8÷18 m. Bolup bilýär. Bu ekskowator topragyň II-III kategoriýasynda işläp bilýärler. Bu ekskowatorlar yzygider işläp özi ýöreýän ýer işlerinde ulanylýan maşyndyr. Munuň iş enjamlary bir wagtyň özünde topragy garýaram ony belli bir aralyga äkidýärem we onuň özi ýöreýär. Maşynyň yzygider gazmagy netijesinde oňki bir susakly ekskowator bilen deňeşdirilende maşynyň hemme iş organlary bir wagtda işleýärler. Köp susakly yzygider işleýän maşynyň öndürijiligi ýokary bolýar hem-de udel görkezijisem

gowulanýar. Köp susakly ekskowatoryň harplar bilen belgilenilişi: ETS-165 (16- garýan çuňlugy, dm, 5-modeliň yzygiderliligi), ETS- tranşeý gazýan zynjyrly ekskowator, EM-keseligine garýan zynjyrly ekskowator, EM-201 (20-susagyň göwrümi ℓ. 1-modeliň yzygiderliligi) ETR-tranşeýn rotorly ekskowator, ETR-204 (20-gazýan çuňlugy. Dm, 4-modeliň yzygider sany ) , ER-radial garýan ekskowator (okly) ER-1001 (100-susagynyň göwrümi ℓ) –1 modul yzygiderliligi), ETS-tranşeý gazýan zynjyrly ekskowatorlar turbalary geçirmek üçin ulanylýar. EM-keseligine gazýan zynjyrly ekskowatorlar esasanam peýdaly magdanlary gazmak üçin kanalyň düýbini arassalamak üçin, kanalyň ýokarky we aşaky böleklerini arassalamak üçin ETR-tranşeýni rotorly ekskowatorlar. Tranşeni gazmak üçin ulanylýar. ER-radius gazýan ekskowatorlar karýerlerde gazylyp alynýan magdanlary almakda, kanallary özleşdirmekde. ETS-tranşe gazýan zynjyrly ekskowatoryň gazýan ini 0,5÷1,2m gazýan çuňlugy 4m. köpräk.Topragyň kategoriýasy I-III. ETR- tranşeýni rotorni ekskowator gazýan ini 0,8÷2,5 çuňlygy 2,5m topraga I-IV egerde doň toprak bolsa 0,5m. Köp susakly ekskowatorlar önümçilikde açyk dagmagdanlaryny hem-de gurluşykda giňden ulanylýar. Köp susakly ekskowatoryň, bir susakly ekskowatordan tapawudy bu maşyn ýörite enjamlaşdyrylan, onuň konstruksion gurluşy ulanylya baglylykda biri-birinden tapawutlanýar. Köp susakly ekskowatoryň konstruksiýasy, dürli-dürli üýtgeşik, çylşyrymly kompleksli mehanizmler, metalkonstruksiýasy, elektromehanik enjamlary, dolandyryjy barlaýyş sistemasy döwrebaplaşdyrylan. Onuň giňden ulanylýan ýerleri, gazylyp alynýan peýdaly zatlaryň üstündäki gerekmejek jynslary aýyrmak işleri, gazyp alýan işler üçin, dagmagdanlary gazyp alýan senagatda, gurluşykda we ýörite işleri ýerine ýetirmekde giňden ulanylýar.

Köp susakly ekskowatoryň toparlara bölünişi

Tabl.4

| Ady | Ekskowatoryň görnüşi | Öndürijiligi $m^3$/sag. | Susagy (çalşyrýan) iş enjamy | Ýöreýän enjamy | Güýç berýän enjamlary |
|---|---|---|---|---|---|
| Köp susakly ekskowatorlar | Rotorly: Gazylyp alynýan peýdaly zatlaryň üstündäki gerekmejek jynslary aýyrmak işleri üçin (ER) | 630 – 10000 | Grawitasion (merkeze ymtylýan) rotor iş enjamly | Zynjyrly relisde ýöreýän | Elektrik, dizel-elektri dizel-gidrawliki, elektro-gidrawliki |
| | Gazyp alýan (ERP) ýa-da (ER-D) | 630-10000 | Grawitasion (merkeze ymtylýan) rotor iş enjamly | Zynjyrly relisde ýöreýän | Elektrik, dizel-elektri dizel-gidrawliki, elektro-gidrawliki |
| | - Zynjyrly halkaly; - Zynjyrly | 640-660 | Zynjyrly iş enjamly | Relisde, relis-zynjyrly ärdimläp ýöreýän | Elektrik, dizel-elektri dizel-gidrawliki, elektro-gidrawliki |
| | -Relisde ýöreýän | 1350-9300 | Grawitasion (merkeze ymtylýan) rotor iş enjamly | | |

Köp susakly ekskowatorlar aşakdaky görnüşleri bilen tapawutlanýar:

-ulanylyşy: karýerlerde, gurluşykda we ýörite ýerlerde ulanylýar

-iş enjamlarynyň organy: zynjyrly, süpürip äkidýän susakly, rotorly, kesýän kowuşli, susaksyz kesýän iş enjamly;

Maksimal teoretiki öndürijiligi – az (630 $m^3$/sag. Çenli) ortaça (2500$m^3$/sag. Çenli) uly (5000$m^3$/sag) kuwwatyly (10000$m^3$/sag çenli) ýokary kuwwatly (10000$m^3$/sag ýokary)

-Gazýan ugry: -ýokarsyndan gazýar, aşagyndan gazýar we ýokarsyndan we aşagyndan gazýar.

Gazýan iş enjamlarynyň hereketiniň häsiýetnamasy:

- uzynlygyna gazýar, onuň işläp ýöreýän ugry, gazýan ugruna gabat gelýär.
- Keseligine gazýan, onuň iş hereketiniň ugry (rotor, zynjyr süpürip äkidýän) gazýan ugryna perpendikulýar gabat gelýär.
- Radial gazýan, onuň iş enjamlary (rotor, zynjyrly susak) ýokarky gazýan enjamlary, maşyna baglylykda aýlanýar.

  Açyk dag magdanlaryny almakda köp ulanylýany rotorly we zynjyrly

keseligine gazýan we radial gazýan ekskowatorlar. Uzynlygyna gazýan ekskowatorlar: (çukur) tranşeý, frezerny we ýer işlerinde ulanylýan maşynlarda ulanylýar. Gurluşykda kanallary gazmak üçin ulanylýar.



Surat 20. Ekskowator ETS-165
1-iş organyny galdyryp düşürýän mehanizm; 2-aýlaýjy wal; 3-kömekçi iş enjamy; 4-iş organy; 5-arassalaýjy; 6-iş zynjyry; 7-şnek; 8-iş organlaryny hereketlendirýän reduktor; 9- ýöredişini haýallandyrýan enjam; 10-traktor; 11- buldozer



Surat 21. Ekskowator ETS-252



Surat 22. Ekskowator ETR-204

## 8.1. Zynjyrly ekskowatorlar

Köp susakly zynjyrly ekskowator keseligine gazýan çukurynyň gyrasynda ýöreýär. Ol gazanda susak-1 bilen susup alýar, olam yzygider zynjyra berkidilen. Susak rama-2 hereket edýärm onam ýyldyz-3 hereketlendirýär. Susak çukuryň içinde aýlanmak bilen toprakdan dolýar we ýokaryk galdyrylyp kabul edilýän ternaw –4- getiriji baraban bilen gelýär, ol ýerde toprak bunkere guýulýar ýa-da aralykdaky konweýere geçirilýär. Ol ýerden äkidiji enjamlar bilen äkidilip dökülýär.



Surat 23. Zynjyrly ekskowator

Zynjyrly keseligine gazýan ekskowatorlar bellikleri boýunça aşakdakylara bölünýärler:

-iş enjamlaryň kostruksiýasy zynjyryň ugryna susak berk berkidilen zynjyryň bir şahasynda sylgy dur we kombinirlenen bolýar.

- çukurdan çykaranda iş enjamlarynyň eltip berişi- bir ýerde durup işlän ýerini gazyp bilýär ýa-da parallel gazyp bilýär.
- Dökýän enjamynyň konstruksiýasy- merkezde dökýän bunkerli, yzygider äkidip dökýän, konusly lentaly äkidip dökýän we konusly oka meňzeş pilde.
- Ýöredýän iş enjamllary-zynjyrly, relisde, relisli zynjyrly
- Ýöredýän iş enjamlary bilen – aýlanýan we aýlanmaýan keseligine gazýan zynjyrly köp susakly ekskowatorlar aralyk we uly kuwwatlylary çykarýan döwletler Germaniýada, Çehslowakiýada çykarylýar. Bu çykýan ekskowatorlaryň teoretiki öndürijiligi ýumşadylan topragy gazanda. 300-den 14500 $m^3$/sag.

Germaniýada çykýan köp susakly ekskowatorlaryň bellenilişi: Meselem: ES-3150.26/29.6600. Zynjyrly ýarym aýlanýan ekskowator relsde ýöreýän susagynyň göwrümi 3150 litr. Beýikligi 26m. Gazýan çuňlugy 29m. Teoretiki öndürijiligi 6600$m^3$/sagatda ýumşak topragy gazanda.

*Süpüriji susakly ekskowatorlar.*

Süpürip äkidýän ekskowatorlar ulanylýar: kömür alýan senagatda döwülegen we ýumşak topraklary gazmak üçin ulanylýar. Ýer işlerinde ulanylanda bu maşyn ýokarda durup işleýär. Onuň iş enjamlary, süpürip äkidýän zynjyrly halka, süpürip urujy ştangalar ony taýynlaýan ölçegleriniň predeli az, aralyk öndürijilikli. Onuň işleýiş prinsipi süpüriji susakly ekskowatorlar topragy kesende süpüriji zynjyrly halkanyň dişi bilen kesýär, ondan soň ony susup alyp zynjyrly äkidiji bilen ýükleýji rotor tigire geçirýär. Süpürip äkidiji urujy ştanga käbir topraklary çukurdan çykaranda süpürip äkidiji uryjy ştanganyň üstünden amala aşyrylýarm, ýa-da şnekli uzyn osyň daşynda aýlanýar. Ol okuň podşipnigine berkidilen. Gaçýan topragy

äkidiji zynjyrly halkadan çykýar ýa-da rotor we konweýeriň piline düşýär.Maşyny ýörediji mehanizmler: zynjyrly we relisde ýöreýän.

*Rotorly ekskowator.*

Rotorly ekskowator özi ýöreýän maşyn bolup yzygider işleýän susgujy bilen topragy susupm olam rotorly tigire birikdirilen , bir wagtda özleşdirmek üçin we hazylyp alynýan peýdaly zatlaryň üstündäki gerekmejek jynslary aýyrmak işleri ýa-da gazylyp alynýan magdanlary almak üçin ulanylýar.

Rotorly ekskowatorlar aşakdaky esasy uzellerden durýar, rotor-1 geçiriji bilen, ok-2 rotorly konweýer bilen, dolandyrmak üçin kabina-3, sazlaýjy-4 okuň pili-5 konweýer bilen aýlanýan platforma –6 ekskowatoryň aýlaýjy geçirijileri bilen, aýlaýjy daýanç enjamy-7 ýörediji enjamlary-8. Esasy iş enjamynyň hereketi, rotoryň aýlanyp işlemegi dik tekizlikde, okuň rotor bilen gorizontal tekizlikde aýlanmasy.

Rotor ekskowatorlar açyk ýerlerde işlemek üçin öz arasynda bölünýärler:

- öz arasynda durşy we çukury ýokardan gazanda (öz duran ýerinden çuň gazýar rotoryň diametrinden ½ uly däl) ýokardan we aşakdan gazanda

- ulanylyşy boýunça: gazylyp alynýan peýdaly zatlaryň üstündäki gerekmejek jynslary aýyrmak işleri, gazylyp alynýan ýerlerde.
- Maksimal teoretiki öndürijiligi – az (630$m^3$/sag. Çenli ) aralyk (2500$m^3$/sag.) uly (5000$m^3$/sag çenli) kuwwatly (10000 $m^3$/sag) ýokary kuwwatly (10000$m^3$/sag) ýokary
- Iş organlarynyň çukura berilişi- öňe süýşýän we öňe süýşmeýän
- Ýörediji mehanizmli- zynjyrly, ärdimläp- relisde ýöreýän, rels-zynjyrly we relisiň üstünde ýöreýän
- Gazanda düşýän garşylyk ululygy- aralyk (0,7 MPa çenli), ýokary (1,4 MPa- çenli) we beýik (2,1 MPa çenli) Rotorly ekskowatorlaryň görnüşleri: ER-karýerlerde ulanylýan rotorly (bäş baza modeli bar). Gazylyp alynýan peýdaly

zatlaryň üstündäki gerekmejek jynslary aýyrmak ileri, öndürijiligi $Q_t$ deňdir 630, 1250, 2500, 5000 we 10000 $m^3$/sag. Gazanda hasaplanan garşylyk 0,7 MPa az däl.

ERP-ER-modifikasiýasy, gazanda ýokary garşylykly (1,4 MPa az däl), öndürijiligi, ulanylyşy we iş şertleri baza maşynynyňky bilen gabat gelýär.



Surat 24. Rotorly ekskowator

*Köp susakly ekskowatoryň öndürijiliginiň hasaplanylyşy*

Yzygider işleýän ekskowatoryň öndürijiliginiň hasaplanylyşy. Oňa düşýän material yzygider akdyrylyp äkidilýär.

$П_0=3600·q·n$ , $m^3$/sag

Bu ýerde q-susagyň göwrümi ýa-da bir iş siklinde öndürilýän önüm, $m^3$

n-susagyny bir minutda düşürýän sany

$n=υ/ℓ$ bu ýerde υ-tizligi (m/s) , ℓ-susagyň ärdimi (m)

Köp susakly zynjyrly ekskowator üçin h=0,33…..0,66 $sek^{-1}$ rotorly ekskowatorlar üçin 2,7….2,9 $sek^{-1}$

Tehniki öndürijiligi hasaplanýar yzygider işlemegi iş organlarynyň hakyky tizligini hasaba alynýar, susagynyň

dolmasy gazýan çukurynyň häsiýetnamasy, topragyň hasaplanýan şerti topragyň doly göwrümi aňladýlar:

$$П_T=П_o \cdot K_H \cdot K_S/K_P$$

Bu ýerde – $K_H$- susagy doldurmak üçin koeffisient. $K_P$- topragyň ýumşaklyk koeffisienti, $K_S$- sikliň dowamlylyk koeffisienti. Ekspluatasion öndürijiligi. Hakyky iş şertini ýerine ýetirmek üçin hasaplanýar, durany we arakesme wagtlary hasaba almaly (ýag guýlanda, ýaglananda, mehanizmleri ýaglananda, iş organlary arassalananda, iş organlaryny dogurlananda, köne ýerden täze ýere geçirilende, taýynlamak üçin sarp edilýän wagty iş wagtynyň ýoklugyny) – onda maşyn hakyky bir iş wagty bilen hasaplanýar. ( sagatda, smenada, bir - gije gündizde, aýda,kwartalda, ýylda) onda ekspluatasion öndürijilik

$$П_e=П_T \cdot K_b \cdot K_u= П_o \cdot K_H \cdot K_S \cdot K_u/K_P$$

Bu ýerde $K_b$-maşyn ulanylandaky koeffisient. Yzygider maşynlar üçin $K_b$=0.85….0,9

$K_u$-maşynyň tehniki ýagdaýyny hasaba alynan koeffisient

Ýyldaky öndürijiligi

$$П_ý=П_T \cdot i \cdot n \cdot K_b^/$$

Bu ýerde i-ýyldaky iş smeniniň sany i=200-300 smen,

n-smenadaky iş sagasynyň sany. $K_b^/$-bir ýylda maşyn wagtynyň ulanylan sany koeffisienti.

Süpüriji susakly ekskowatorlar üçin, äkidilýän toprak prizma görnüşli towlanýar, onuň teoretiki öndürijiliginiň hasaplanylyşy ($m^3$/sag)

$$П_o=3600b_ç \cdot h_ç \cdot \upsilon_S \cdot \varepsilon$$

Bu ýerde $b_ç$-süpürip äkidijiniň ini (m), $h_ç$- süpürip äkidijiniň beýikligi. $\upsilon_S$-süpürip äkidiji zynjyrly halkanyň tizligi (m/sek). $\upsilon_S$=1,5…. 2,5 m/sek. ε - süpürip äkidijiniň arasyndaky boşluk giňişligi toprak bilen doldurylanda onuň derejesini hasaba alýan koeffisient ($m^3$/sag).

Tehniki öndürijiligi ($m^3$/sag)

$$П_T=3600b_t \cdot h_t \cdot \upsilon_p= П_o \Delta K_p^{-1}$$

Bu ýerde $b_T$-tranşeýniň ini (m), $h_T$-tranşeýniň çuňlugy (m), $\upsilon_p$-tranşeý gazanda hereket edýän tizligi (m/sek), Δ-toprak silkinip dökülendäki hasaba alynýan koeffisient.

## 9. Buldozerler

Buldozer – özi ýöreýän maşyn, olar zynjyrly we tigirli traktorlardyr, tegaç, beýleki özi ýöreýän maşynlar, ramada ýa-da brusokda asylan iş enjamly – pil (otwal) gyşyk profelli pil, ýöreýän mehanizmiň öňünde ýerleşen.

Buldozer hyzmat edýär – gatlaklaýyn gazmak üçin ýerleri tekizlemek üçin hem-de topragy 60-180 metr äkitmek üçin ulanylýar, onün ýerine ýetirýän işler gazylyp alynýan magdanlary almak üçin, demir magdanlary almak üçin, gurluşyk we beýleki materiallary almak üçin, gurluşykda we ýollaryň bejergisinde, kanal gazmak üçin, guýulary galdyrmak üçin, katlawan gazmak üçin we beýleki ýer işlerinde ulanylýan gurluşyklar üçin ulanylýar.

Ol özüniň kuwwatyna we konstruksiýasyna baglylykda her hili toprakda we materialda işläp bilýär. Palçyk ýerlerde, cage ýerlerde, partladylan ýerlerde, ýumşadylan dag magdanlarynda we demir magdan alynýan ýerlerde ol ykdysady tarapdan topragy äkidýän aralygy ýokary uzak , olam dartyş klasyna bagly, görnüşine, berkligine we ulanylyş şertlerine umuman ol 40-60m ulalanok.

Buldozer ulanylyşy boýunça ikä bölünýär:
Umumy we ýörite.

Umumy ulanylyş – gatlaklaýyn kesmek üçin toplamak, topragy we materially köp halatlarda gabat gelýän toprak we kilometriki şerti, ortaça gabat gelýän toprak, çage, toýun bularyň her hili görnüşi, ýeňil dag magdanlary, hek daşy, mergel, köp halatlarda gabat gelýän howa şertleri - 40 we +40°C.

Ýörite ulanylyş – bular aýratyn işleri ýerine ýetirmek üçin ulanylýar. Meselem ýol gurmak, ýollary tekizlemek, ýer asty işler üçin. Aýratyn howa şertleri üçin – 60$^o$ dan + 60$^o$C çenli.

Aýratyn işleri ýerine ýetirmek üçin buldozeriň pili sferik forma, ýagny 3-5- bölekden durýar. Olaryň gurnalşy 15$^o$dan biri-birinden iri we cage materiallar üçin.

- ýaňak şekilli alanda gidrawliki usulda alýar, cage materiallary uly aralyga äkitmek üçin
- iki pilli üstli öňe-yza hereket edende gerek.
- pili maşyna tarap öz üstünden aýlap ýüklemek
- ozone tarap ýa-da özünden yza tarap aýlanýan.

Ýöreýän mehanizmi boýunça buldozerler tapawutlanýar: zynjyrly we tigirli.

Dartyş güýji boýunça bölünýär: ýokary agyr – nominal dartyş güýji 30 tonna (kuwwat 400 A.g); agyr – 20-30 tonna çenli (250-400 A.g); aralyk – 13.5 – 20 tonna çenli (160-249 A.g); ýeňil - 2.5-13 tonna çenli (kuwwaty 60-150 A.g); az göwrümli – 2.5 tonnadan az (kuwwaty 60 A.g. den az).

*Konstruksiýa aýratynlyklary.*

Buldozeriň tapawudy:

- pili aýlanmaýan (umuman muňa ýönekeý bulldozer diýilýär), pili maşynyň osuna keseligine perpendikulýar oturdylan, ol aýlanyp bilmeýär.
- aýlanýan pilli, pil gurnalanda burç bilen goýulýar. Maşynyň osy iki tarapynda keseligine ýa-da oňa perpendikulýar.

Maşynyň mehanizminiň dolandyrylyşy – tapawutlanýar gidrawliki we top bilen dolandyrylýan.

Aýlanmaýan pilli bulldozer, asma enjamly, ol itekleýji pilden -1, itekleýji brusdan-7, hyrly kese goýulan diregden-2, pili dolandyryjy gidrosistemadan durýar.

Pil ýörite polat listden kewşirlenip ýasalan, onuň arka tarapy güýçlendirilen, berk, gaty, içi hem gapyrga. Onuň aşagy

gönümel egri çyzykly formadaky list, oňa towlanyp eltilen kesiji enjam onuň pili ýörite enjamlaşdyrylan, itekleýji brusy we kese goýulan diregi şarnir arkaly berkitmek üçin gulak.

Baza traktorda brusyň şarnir bilen berkitmesine ýörite mehanizmi saklamak üçin dikligine direg daýanç sapfani keseligine goýulan direg (balka). Buldozer pilini galdyryp düşürende gidrosilinderiň kömegi bilen ýörite kronşteýne -3 berkidilen. Hyrly kese goýulan direg -2 keseligine duran burçy üýtgedip bilýär ±6°.

Asma iş enjamly buldozer aýlanýan pilli, ol ýörite pil - 3, uniwersal rama – 2, kese goýulan direg – 4,5 we gidrawliki dolandyryjy enjamdan durýar.

Uniwersal rama gurluşy П görnüşli kewşirlenen balka-6, guty görnüşli kesilen merkezi şar-8 munuň üstünden itekleýji güýç pile berilýär. Pil itekleýji rama kesgitli ugur alýar. Iki sany şarnirda gurnalan kese goýulan direg arkaly onuň ýokarsy hyrly kesme burçuny we piliň keseligine durmasyny aýryp, dogrulamak üçin ulanylýar.



Surat 25. Aýlanmaýan pilli bulldozer

a) umumy görnüşi ; b) piliň konstruksiýasy

1-pil; 2-hyrly kese direg; 3-kranşteýn; 4-gidrosilindr; 5-tarktor; 6-daýanç; 7-itekleýji; 8-direg; 9-gyşyk duran list; 10-diwaryň yzy; 11-şweller; 12,13- gulak; 14-düýbi; 15-çalşyrylýan kesiji enjam




Surat 26. Aýlanýan pili bulldozer
a) umumy görnüşi; b) uniwersal rama

Kesekigine gyşyk duran buldozeriň konstruksiýasyna seredýäris, piliň gyşarma burçuny el bilen dogrulanýar. Bu kä halatlarda maşynyň öndürijiligini azaldýar. Bu modelli buldozerlerde bu maksady aýyrmak üçin ýörite gidrosilinder goýulýar.



Surat 27. Aýlanmaýan pilli buldozer
1-pil; 2-gidrawliki direg; 3-pili galdyryp düşürýän gidrosilindr; 4-traktor; 5-itekleýji brus; 6-gidrogulp; 7 maýyşgak enjam;

Aýlanmaýan pilli bulldozer we mehanizmiň gidropriwody pile keseligine gyşyk dur, ulanylýan iki kese goýulan direg: çep tarapygidrawliki – 2, sag tarapy hyrly, hyrly kese goýulan direg, piliniň kesme burçuny dogrulaýar. Gidrawliki kese goýulan direg çepdäki itekleýji brusada gurnalan. Onuň düzümi gidrosilinder, iki tarapa hereket edýän ştokly we gidrogulp. Gidrawliki kese goýlan direg bilen bulldozer dolandyryjy piliň keseligine gyşarmasyny, maşynyň kabinasyndan çykman dolandyryp bilýär.

## 9.1. Buldozeriň hasaplanylyşy

Buldozeriň esasy ölçegleri onuň nominal dartyş güýji. Ol hasaplanýar: doly toprakly wagty baza maşynynyň iş enjamlaryny doly hasaba alnanda.

Onda nominal dartyş güýji: $F_{k.ss} = m_b \cdot g \cdot K_m \cdot \varphi_{ss}$

Bu ýerde $m_b = m_m + m_a$ – buldozeriň agramy. (kg.)

$m_m$ – baza maşynyň agramy

$m_a$ – asylan enjamyň agramy

$K_m$ – ilişme koefisienti, ulanylýan agramda.

Zynjyrly buldozerler üçin $K_m$ = 1.0

$\varphi_{ss}$ - ilişme koefisienti,

g = 9.81 m/sek$^2$

Buldozeriň ýöreme tizligi 2.5 ... 3.5km/sag aralygynda. Esasy ölçegleriniň birine degişli udel görkeziji ugry Pг we dik düşýän güýji Pb – piliň kesiji enjamynda ornaşdyrmak, ol her hili toprakda , her hili gazandaky garşylykda hasaplanýar.

Dik düşýän basyş Pb piliň kesiji gyrasyna kesiji enjamyň kütekligine bagly we pili dolandyryjy sistema bagly.

Topragyň kategoriýasy:

| | I | II | III | IV |
|---|---|---|---|---|
| $P_g$(H/sm) | 150 çenli | 200-300 | 400-5000 | 600 ýokary |
| $P_b$ (Mpa) | 1,0 çenli | 1,2-2,0 | 2,5-3,5 | 3,5 ýokary |

Buldozeriň piliniň esasy ölçegleri: B-piliň uzynlygy, H-piliň beýikligi, σ-piliň esasy duranda kesýän burçy, β-agdarma burçy, pil esasy gurnalanda. ε-pil esasy gurnalanda ýapgytlyk burçy. Buldozeriň piliniň ölçegleri tabl.

Tabl.5.

| T/b | Ölçegleri | Pili | |
|---|---|---|---|
| | | aýlanýan | aýlanmaýan |
| 1 | σ - grad | 55 | 50-55 |
| 2 | ε – grad | 75 | 75 |
| 3 | β – grad | 70-75 | 60-75 |
| 4 | $\beta_k$ - grad | 90-100 | 90-100 |
| 5 | Piliň gyşyk üstüniň radiusy | R≈H | R= (0.8 – 0.9) H |

Piliň kömekçi profel ölçegleri $H_k$ – piliň artykmaç beýikligi, $\beta_k$ – piliň esasy ýagdaýdaky , onuň artykmaç beýikliginiň gurnalan burçy, θ – piliň esasy gurnalandaky berlen burç.



Surat 28 Piliň esasy ölçegleri
a) goýulýan burç; b) kesilen ölçeg

Piliň beýikligi, uldozeriň dartyş güýjini empirçeski formula bilen hasaplanýar:

- Aýlanmaýan pilli bulldozer üçin:

$$H_n = 230\sqrt{F_H - 0.5F_H}$$

- Aýlanýan pilli bulldozer üçin:

$$H_n = 210\sqrt[3]{F_H - 0.5Fn}$$

Bu ýerde Fn- baza maşynyň nominal dartyş güýji (KH). Buldozerler umumy ulanylanda hökmany ýagdaýda piliň artykmaç beýikligi bolmaly, toprak piliň ýokarky böleginden dökülmez ýaly piliň artykmaç beýikligi dikligine 0.1 – 0.3 piliň beýikliginiň gatnaşygynda bolmaly.

Piliň esasy gurnalandaky burç saýlanýar $20^0$ az bolmaly däl.

Gyşarýan böleginiň radiusy piliniň üsti R, piliň beýikligi H, kesýän burçy σ , agdarmasy β we piliň gyşarmasy ε öz arasyndaky baglanşygy:

$$R = H\frac{\sin(\varepsilon - \sigma)}{\sin\varepsilon[1 - \sin(\beta + \sigma - \pi/2)]}$$

Onda aýlanmaýan pilli üstüň hödürlenýän burçy
*($\sigma$=55$^o$, $\beta$=75$^o$, we $\varepsilon$=75$^o$) R= 0.95H.*
Aýlanýan pilli üçin *($\sigma$=55$^o$, $\beta$=70$^o$, $\varepsilon$=75$^o$) R= 0.81H*
Piliň meýilnama aýlanma burçy α bir predelde saklanýar. 25-30$^o$. Bu burçy ulaltmak buldozere gorizontal tekizlikde aýlanmaga getirýär.
*Buldozeriň dartyş garşylyk güýjiniň hasaplanylyşy:*

Buldozeriň dartyş garşylyk güýji hasaplanýar, haçanda buldozer topragy kesip piliniň öňine toplanda

Onda umumy dartyş garşylygy *(H)*

$$F= F_1+F_2+F_3+F_4+F_5$$

bu ýerde $F_1$- topragyň esasy massadan aýrylandaky döreýän garşylyk (H).
$F_2$ – topragyň prizma görnüşli towlanyp ýerini üýtgetme garşylygy.
$F_2$ –ýörände piliň ýokarsynda döreýän topragyň garşylyk güýji.
$F_4$ – bulldozer enjamly ýöreýän baza maşynyň garşylyk güýji.

I. Topragyň esasy massasyndan aýyrandaky döreýän garşylyk güýji.

$$F_1 = K \cdot \beta \cdot cos\varphi$$

bu ýerde K-kesmek üçin udel garşylygy H/m$^2$ , β –piliň ini, h – kesýän çuňlugy (h=0.07-0.11), H – dykyz toprak üçin *(h=0.09-0.15)* H-ýumşak toprak üçin , α – meýilnama boýunça piliň goýulýan burçy.

II. Topragyň prizma görnüşli towlanyp ýerini üýtgetme garşylygy.

$$F_2 = m_p \cdot g \cdot f_r \cdot cos\ \alpha$$

bu ýerde $m_p$ – topragyň prizma görnüşli towlanandaky agramy.

$$m_p = V_p \cdot \gamma_p = \frac{B \cdot H^2}{2Kp} \cdot \gamma p$$

bu ýerde B – piliň ini (m)
H- piliň beýikligi (m)
Kp – piliň formasyna görä topragyň häsiýetine baglylykdaky koefisient.
Baglanşykly toprak üçin Kp = 0.8-0.9
Baglanşyksyz toprak üçin Kp = 1.3
γ – ýumşadylan topragyň dykyzlygy kg/m$^3$
g = 9.81 m/sek$^2$ - erkin gaçma
$f_r$ – topragyň topraga sürtülme koefisienti.
α – pil oturdylandaky burç, grad.

III. Ýörände piliň ýokarsynda döreýän topragyň garşylyk güýji.

$$F_3 = m_p \cdot g \cdot f_c \cdot cos^2\sigma \cdot cos\alpha$$

bu ýerde $f_c$ – topragyň metala sürtülme koefisienti. σ – kesýän burçy (grad)

4) Ýörände döreýän piliň uzynlygyna topragyň garşylyk güýji:

$$F_4 = m_p \cdot g \cdot f_c \cdot f_r \cdot sin\alpha$$

5) Buldozer enjamly ýöreýän baza maşynyň garşylyk güýji

$$F_5 = (m_b \cdot g \cdot \pm R_d)(f_0 \pm i)$$

bu ýerde $m_b$ – buldozeriň agramy (kg)
$R_d$ – buldozeriň piline düşýän dik reaksiýa (H)
$f_o$ – baza maşyn hereket edende garşylyk koefisienti.
i – ýörände ýapgytlyk üsti.
Onda gerek bolan kuwwaty hasaplaýarys.

$$Ndw = \frac{F \cdot \upsilon}{3.6 \cdot \eta_T}$$

bu ýerde F – täsir edýän dartyş garşylyk güýçleriň jemi, ν – buldozeriň iş tizligi km/sag, $\eta_T$ – mehanizmleriň PTK –i.

*Buldozere täsir edýän güýçler.*

Aýlanmaýan pilli buldozere işlän wagty şu güýçler täsir edýär: agyrlyk güýji, asylan enjamlaryň agramy $G_a$, pile tarap topragyň reaksiýa güýçleri $R_{or}$ we $R_{ob}$ - dürli güýçler, goşmak üçin gerek bolan şarnir $X_ш$ we $Z_ш$, piliň mehanizmini dolandyrmak üçin güýç $F_ц'$ we $F_ц$ , haçanda pil çuň gazanda $F_k$. Baza maşyn ýörände döreýän garşylyk güýji $F_5$ we ýöreýän mehanizma deň taraply düşýän topragyň dik reaksiýa güýji, merkezi basyş $R_1$ goýulan.

Haçanda, kadaly iş şertinde nokada goýlan güýç $R_{or}$ we $R_{ob}$ - pilden daýanç tekizliginiň arasynda ýerleşýän aralygy $h_R$= (0.17…0.27)H – iş wagtynda bulldozer her hili päsgelçilige gabat gelip bilýär (daşlara we ş.m.). Bu ýagdaýda jemleýji garşylyk güýji aşak düşýär. Berkligi hasaplananda nokat onuň kesýän enjamynda ýerleşýär.

Pile düşýän topragyň maksimal gorizontal düzüji güýçleriň reaksiasy hasaplanýar, týagaçyň ildirip mümkin boldugyça iteklemesi:

$$R_{oг} = F_{k.ss} – F_5$$

bu ýerde $F_{k.ss} = m_b \cdot g \cdot K_m \cdot \varphi_{ss}$

$F_{k.ss}$ - iýlip galtaşýan dartyş güýji.

$F_5$ – bulldozer enjamly ýöreýän baza maşynyň garşylyk güýji.

$F_5 = (m_b \cdot g \pm R_d)\ (f_0 \pm i)$ haçanda i=0 iýlip galtaşýan dartyş güýji iş enjamynyň iki ýagdaýynda tapylýar.

- pili dolandyryjy mehanizm saklanok, ol topraga daýanýa. Onda $F_{k.ss} = G_0 \cdot \varphi_{ss}$
- pili dolandyryjy mehanizm saklaýar, bu ýagdaýda $F_{k.ss} = (G\sigma + G_0 \pm R_{0b})\ \varphi_{ss}$

bu ýerde $\varphi_{ss}$ – týagaçyň ýöreýän bölegininň topraga ilişme koefisienti.

Haçanda berklik hasaplananda, galtaşýan güýjiň dartylyşy kabul edilýär, dinamiki güýçlerem hasaba alynýar.

$$F_k{}^p{}_{.ss} = F_{k.ss} \cdot K_d$$

bu ýerde $K_d$ – dinamiki koefisient 1.5…1.7. Dik düzýän topragyň reaksiasy iş wagtynda öz bahasyny we ugruny üýtgedýär.

Haçan-da pil başda çuňlaşanda, ol ýokaryk gönükýär. ($R'_{0b}$) we ony ýakyn formula bilen hasaplap bolýar

$$R'_{0b} = K' \cdot XB$$

Bu ýerde K' – topragyň ukyply göteriji koefisienti (H/m$^2$) aralyk şert üçin K'= (5…6)·10$^5$H/m$^2$

X – kesiji enjamyň (pyçagyň) aşaky meýdanyň üstüniň ini kesiji enjamyň kütelmegini hasaba almaly (m) , X = 0.007…0.010m.

B – kesiji enjamyň uzynlygy (m).

Haçan-da reaksiýa aşak ugrukdyrylanda :

$$R_{0b} = R_{oг} \cdot ctg\ (\sigma+\varphi_s)$$

bu ýerde σ – piliň kesiji enjamynyň burçy (grad), $\varphi_s$- topragyň pile sürtülme burçy (grad).

Reaksiýalar Zш we Xш – goşmak üçin gerek bolan şarnirler iş enjamynyň deňagramlylyk deňlemesi bilen hasaplanýar.

$$\Sigma X = R_{or} - Fs'\ cos\beta' - X_{ш} = 0$$

$$\Sigma M_0 = Z_{ш} \cdot \ell_R - X_{ш} \cdot h_{ш} + G_0\ (\ell_R - \ell_{GM}) + F'_s \cdot 2 = 0$$

bu ýerde $G_0$ – iş enjamlarynyň agramy, ol az ýagdaýda bolmaly, täsir edýän standartda 25% uly bolmaly däl baza maşynyň agram güýjünden Gσ . $G_0 \leq 0.25$ Gσ

Şol bir wagtda tanap bilen doldurylýan buldozerlarda piliň topraga girýän çuňlugy ýeterlik bolmaly, özüniň ýeterlik agramynda . Asylýan enjamyň minimal dartyş güýji $G_0$

$$min \cdot \ell_{GM} - R'_{0b} \cdot \ell_R + R'_{ob} \cdot f_c \cdot h_{ш} = 0$$

bu ýerden asylýan enjamyň minimal dartyş güýjini alýarys:

$$G_0 min = K'\ XB\ (\ell_R - f_{chш}) \cdot \ell_{GM}$$

Buldozeriň iş enjamynyň daryş güýjini hasaplananda pili mejbury çuňlaşdyrlanda hökmany hasaba almaly F'ц – güýji, gönükdirlen aşak. Týagaçyň durnuklylygy çäklendirlen bahada, yzky liniýanyň agdarylmazlyk bahasynda we mümkin moment güýjiň deňlemesinden tapylýar, týagaçiň B nokadyna baglylykdaky täsiri (sur 37).

Ýük galdyrýan mehanizmi dolandyrýan iki iş şertde bolýar: Buldozer hereket edende onuň pili çuň gazmaga girende ony galdyrmak, pili bilen deňilkde saklamak topragy kesýän wagty. Bu iki ýagdaýda mehanizmi dolandyryş güýjini hasaplap bolýar. Moment güýjiň deňlemesinden goşmak üçin gerek bolan şarnira baglylykda.

Birinji şertinde

$$\Sigma M_ш = F_ц \cdot \ell_ц - G_0 \ell_{GM} - F_c \cdot \ell_R - R_{or} \cdot h_ш - R_{0b} \cdot \ell_R = 0$$

bu ýerde $F_c$ – süýşürilýän topragyň garşylyk güýji.
Buldozeriň pili bilen galdyrylan, beýleki topraga baglylykda (H) $F_c = F_{k.ss} \cdot f_r + K_c S_c$
$f_r$ – topragyň topraga bolan sürtülme koefisienti.
$F_{k.ss} = G_0 \cdot \varphi_{ss}$,
$K_c$ – toprak hereket edende ilişme koefisienti. H/m$^2$.
